Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sapar bilen Ýaponiýa ugrady. Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary ugratdylar.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we netijeli halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasyny üstünlikli durmuşa geçirip, gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen köpugurly gatnaşyklary işjeň ösdürýär. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlan bu strategiýa ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da belende galdyrýar.

Türkmenistan Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary, şol sanda Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine möhüm ähmiýet berýär. Ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklar uzak möhletleýin strategik häsiýete eýe bolup, deňhukuklylyk, özara hormat goýmak, ynanyşmak ýörelgeleri esasynda alnyp barylýar. Bu günki gün türkmen-ýapon hyzmatdaşlygy syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda okgunly ösdürilýär. Türkmenistan hem-de Ýaponiýa abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, BMG-niň çäklerinde, «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» formatynda üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Ýaponiýa ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň çäklerinde öňe sürýän başlangyçlaryny yzygiderli goldaýar.

Döwletara gatnaşyklary ösdürmekde ýokary derejedäki duşuşyklara we özara saparlara möhüm orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň 2009-njy, 2013-nji, 2015-nji, 2019-njy we 2022-nji ýyllarda Ýaponiýa amala aşyran saparlarynyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga we ony many-mazmun taýdan baýlaşdyrmaga ýardam berendigini bellemek gerek. Parlamentara gatnaşyklaryň ösdürilmegine-de uly ähmiýet berilýär. Munuň özi iki ýurduň we olaryň halklarynyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmagyň möhüm şerti hökmünde çykyş edýär.

Söwda-ykdysady ulgam Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Soňky ýyllarda senagat, ulag-kommunikasiýa, ýangyç-energetika ulgamlarynda amala aşyrylan bilelikdäki taslamalar ykdysady hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga ýardam berdi. «ITOCHU», «Kawasaki Heavy Industries», «Mitsubishi», «Sojits», «Sumitomo», «Toyo Engineering», «Komatsu» ýaly kompaniýalar köp ýyllaryň dowamynda türkmen bazarynda netijeli iş alyp baryp, özüni ygtybarly hyzmatdaş hökmünde görkezdi. Şunuň bilen bir hatarda, daşky gurşawy goramak, «ýaşyl» energetika babatdaky taslamalar ýurdumyzyň Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistan milli senagaty we oba hojalyk pudagyny döwrebaplaşdyrmak üçin öňdebaryjy ýapon tehnologiýalaryna, şol sanda ýapon

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025

kompaniýalarynyň awtomatlaşdyrmak, maglumat tehnologiýalary, durnukly ösüş boýunça innowasion çözgütlerine uly gyzyklanma bildirýär.

Medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk hem döwletara gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegidir. Ýurtlarymyz däp bolan ylym-bilim, medeni gatnaşyklary çuňlaşdyrmagy, ýokary okuw mekdepleriniň ugry boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmegi maksat edinýärler. Şunda Türkmenistanyň bilim edaralarynyň we Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň arasynda ýola goýlan gatnaşyklary bu hyzmatdaşlygyň oňyn mysallarynyň hatarynda görkezmek bolar. Özara Medeniýet günleriniň, konsertleriň, sergileriň, beýleki çäreleriň yzygiderli geçirilmegi iki ýurduň halklaryny ýakynlaşdyrmaga we dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam berýär.

…Birnäçe sagatdan soňra, döwlet Baştutanymyzyň uçary Osakanyň Kansai Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz mähirli garşylanyldy.

Ýaponiýa saparynyň çäklerinde döwlet Baştutanymyz Osaka şäherinde geçirilýän “EKSPO — 2025” Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli dabaraly çärelere gatnaşar, şeýle hem ýokary derejedäki ikitaraplaýyn we işewürlik duşuşyklaryny geçirer.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýa sapary dowam edýär.

Все права защищены
save pdf date >>> 05.12.2025